GURBANSÄHET GARÝAGDYÝEW

# ÝEDITOP



**Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk instituty**

**Gurbansähet Garýagdyýew**

# ÝEDITOP

## Türkmen milli sport oýnunyň düzgünleri

**Aşgabat- 2004**



## Halkymyza, Watanymyza, Prezidentimize wepalylyk Kasamy

Eziz Türkmenistan - ata Watanym,

Gurban bolsun saňa bu janym-tenim!

Eger-de men saňa sähelçe şek ýetirsem,
goý, meniň elim gurasyn!

Eger-de men saňa dil ýetirsem,
goý, meniň dilim gurasyn!

Eger-de men Türkmenistan Watanyma,
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa
dönüklik etsem,
goý, meniň ömrüm kül bolsun!




“Baky bagtyýarlyk ýoluna düşen türkmen iliniň her bir ogul-gyzynyň SAGDYN PIKIRLENMÄGE UKYBY BOLMALYDYR, niýet edinen işini-maksadyny durmuşa geçirmek üçin ON IKI SÜŇŇI ABAT BOLMALYDYR.”

Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ
ýaşlara eden on iki sargydyndan

# Giriş

Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy öz Mukaddes Ruhnamasynda «Türkmen şahsyýetiniň beden we ruhy kämilligi biziň ösüşimiziň ölçeg daşy bolar» diýip belleýär.

Hut şu jähtden alnanda, umuman, ýurdumyzda „Saglyk“ maksatnamasyndan ugur alnyp, ýaş nesli beden taýdan sagdyn, ruhy-ahlak taýdan has kämil kemala getirmek üçin asylly işler durmuşa geçirilýär. Şeýle işlerde milli oýunlaryň hem ähmiýetiniň uludygyny belläsimiz gelýär.

Her bir halkyň milli oýunlarynyň taryhy öz halkynyň taryhy kökleri bilen gös-göni baglydyr. Edil şonuň ýaly, türkmen milli oýunlarynyň taryhy hem türkmen halkynyň taryhy bilen utgaşyklydyr.

1991-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Beýik Serdarymyz, Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan öz mukaddes Garaşsyzlygyny aldy. Bu Garaşsyzlyk biziň Watanymyzyň hemme taraplaýyn: ykdysady, syýasy, medeni, ylmy, durmuş taýdan öňe gitmegine aýdyň ýol açdy. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygy türkmen halkynyň medeniýetiniň, sportunyň, milli oýunlarynyň, ýazuw edebiýatynyň örän gadymydygyny, onuň türkmen halky bilen asyrlar boýy baglanyşyklydygyny ýüze çykardy.

Türkmen sporty halkara derejesine çenli ösdi. Türkmen milli oýunlary täzeden dikeldildi. Munuň özi geljekde türkmen sportunyň has-da giňemegine alyp barýar. Türkmen milli oýunlaryndan asyrlaryň dowamynda türkmen durmuşyna ornaşan „Ýeditop“ oýny soňky ýyllarda türkmen sportunyň hataryna girdi diýsegem ýalňyşmarys. Sebäbi ýaşlar „Ýeditop“ boýunça eýýäm sportuň görnüşi hökmünde etraplarda, welaýatlarda ýoldaşlyk duşuşyklaryny

guraýarlar. Sport ýaryşlaryny geçirýärler. „Ýeditop“ sporty Garaşsyzlygyň saýasynda öz-özünden kämillik ösüşini gazandy.

Spotuň „Ýeditop“ görnüşi boýunça ýaryşyň düzgünlerini, eminler toparynyň düzümini, oýnuň gidişiniň düzgünlerini, oýnuň geçirilişiniň hasabatyny alyp barmagyň ýazgy beýanyny we olaryň käbir görkezmelerini, şeýle-de „Ýeditop“ oýnunyň emellerini we usullaryny hödürleýäris. „Ýeditop“ sportunyň ýaryşlarynyň düzgünlerini baýlaşdyrmak, anyklaşdyrmak maksady bilen eminleriň, oýna gatnaşyjylaryň we höwesjeň sportçularyň, ýerlerdäki hünärmen ulgamlarynyň degerli maslahatlaryna garaşýarys.

2003-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 7-sinde Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkezi hem-de Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk instituty bilelikde Aşgabadyň “Dagdan” stadionynda ýurdumyzyň Bitaraplyk baýramçylygyna hem-de Talyp ýaşlaryň gününe bagyşlap Garaşsyz Diýarymyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda türkmen milli sport oýunlarynyň ýaryşyny geçirdi. Şol ýaryşyň meýilnamasyna laýyklykda ilkinji gezek “Ýeditop” oýny boýunça ýaryş gurnaldy. Ýaryşyň netijesi hem-de umumy jemleri boýunça Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk institutynyň talyplar topary ýeňiji boldy.



## Oýnuň gysgaça häsiýetnamasy

Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler. Oýny düz meýdançalarda, baýyrlaryň arasynda, çägesöw ýerlerde, takyrlarda, sport meýdançalarynda, sport öýlerinde hem-de amatly ýerlerde geçirmek bolýar. Meýdançanyň ölçegleri: pellehanalaryň aralygy 60-100 metr ýa-da 40-60 ädim çemesinde bolmalydyr. Ol adam sanyna görä üýtgäp biler.

Oýny geçirmek üçin bir sany rezin top we uzynlygy 1 metre golaý taýak gerek. Taýagyň tutulýan ýeri tutmaga amatly bolmaly.

Oýna taýýarlyk. Oýna 10-16, 20-26 ondan-da köp oýunçy gatnaşyp biler. Oýna näçe köp adam gatnaşsa, ol şonça-da şowhunly geçýär. Bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, oýunçylar deň iki topara bölünýärler, her topar özüne öňbaşçy saýlaýarlar. Şondan soň iki pellehana bellenilýär. Pellehanalaryň biri topy urmak we gaçmak üçin, beýlekisi gaçyp barylýan we yzyna gaýdylýan pellehana. Pellehanalar uzyn we ýogyn çyzyklar bilen biri-birinden tapawutly bolmaly. Pellehanalar bellenenden soň toparyň haýsysynyň döwçi, haýsysynyň topçy bolmalydygyny kesgitleýärler. Topçy toparyň bir oýunçysy döwçülere top oklamak üçin top urulýan pellehenada galýar. Topçy toparyň oýunçylary meýdançanyň içine ýaýrap, topy biri-birine oklaşmak, urlan topy gapmak, döwçi toparyň topy urup gaçyp barýan oýunçysyny top bilen urmak üçin amatly bolar ýaly, hersi bir ýerde durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary top urulýan pellehanada galyp, nobatma–nobat oklanan topy urýarlar.

Oýnuň oýnalyşy. Ýolbaşçynyň rugsadyndan soň döwçüleriň biri topçy bilen 2–2,5 metr aralykda ýüzbe-ýüz durýar. Topçy elindäki topy döwçi bilen aralyga düşer ýaly edip, 2-2,5 metr ýokary oklaýar. Döwçi elindäki taýak bilen topy urmaly. Ilki başda her döwçüniň topy bir gezek urmaga hukugy bar. Döwçi topy urup, topçular topy getirýänçäler pellehana baryp, dolanyp gelse, indiki nobaty urmaga ýetişse, döwçi topy üç gezek urmaga hukuk gazanýar. Eger-de nobatdaky döwçiniň salgan taýagy topa degmese, onda ol bellenen ýerde gaçmaga maý bolýança garaşmaly. Ol maý tapyp pellehana baryp gelse, oňa ýene bir gezek topy urmaga hukuk berilýär. Kähalatlarda döwçüleriň birisine beýleki pellehana baryp,

dolanyp gelmäge maý bolman galýar ýa-da döwçüleriň hemmesi pellehana ýygnanýarlar. Şeýle ýagdaýda topçy döwçüleriň 3-4 metr gapdalynda durup, topy „göge“ ýagny, topy 2,5-3 metr ýokary oklap gapýar we döwçülere gaçmaga maý berýär. Döwçüleriň has ýyndamy sap atyp, amatly pursatdan peýdalanyp, top urulýan pellehana tarap gaçýar. Ol özüni top bilen urdurman gelse, ýene-de oklanan topy urup, ýoldaşlarynyň dolanyp gelmegine mümkinçilik döredýär, „gök“ berýän oýunçy hem öz gezeginde ylgap barýan oýunçynyň öňräginde duran öz ýoldaşyna topy çalt oklaýar. Öňdäki duran oýunçy topy gapyp, ylgap barýan döwçini urup biler.

<u>Umumy usuly görkezmeler:</u>

1. Oýunçylar iki topara bölünende mümkin boldugyça olaryň ýyndamlaryny, çalasynlaryny, topy oňat urýanlaryny, topy göni zyňyp bilýänlerini iki tarapa-da deň bölmeli.
2. Topy uzaga ýa-da topçularyň seýrek ýerine urup, şol gezekde hem pellehana baryp, dolanyp gelen oýunça topy üç gezek urmak hukugy berilýär. Beýleki halatlarda oýunçylar topy ýeke gezek urup bilerler.
3. Öz top urmak gezegini geçiren oýunçy amatly pursatdan peýdalanyp, pellehana baryp ýene-de dolanyp gelse, nobaty gelende oňa ýeke gezek topy urmak hukugy berilýär.
4. Öň üç gezek topy urmak hukugyny gazanan oýunçy, ikinji gezeginde ýene-de topy jaý urup, pellehana baryp dolanyp gelse, onuň indi 5 gezek top urmak hukugy bar. Iki top öňküsi, üç top hem täzeden baryp geleni üçin.
5. Eger topçular döwçüleriň uran topuny gapsalar, onda olar döwçi bolýarlar.
6. Döwçi topa tötänleýin galtaşaýsa, onda bütin topary topçy bolýar.

## Ýeditop

**Ýaryşyň düzgünleri**

**Ýaryşyň geçirilýän ýeri, meýdança we serişdeler**

## Meýdança we onuň ölçegleri

1. Meýdança gönüçyzygynyň uzynlygy 60m, ini 30m bolmalydyr. Ol açyk meýdandaky tekiz ýer bolmaly (1-nji çyzgy).

2. Meýdançany çäklendirýän çyzyklar. Meýdançanyň uzyn çyzyklaryna gapdal we gysga çyzyklaryna maňlaý çyzyklar diýilýär. Hemme çyzyklaryň ýasylygy 5sm bolup, meýdançanyň ölçegine girýär. Topy oklaýan oýunçynyň we topy urýan oýunçynyň arasy 3 metr bolmaly.




1-nji çyzgy

**Top we taýak**

1. Top: bir sany tennis oýnalýan rezin topy.
2. Taýak: bir sany agaçdan ýasalan uzynlygy 80 sm taýak (2-nji çyzgy).




2-nji çyzgy

Taýagyň tutulýan ýeri ykjam, togalak, tutmaga amatly bolmaly. Taýagyň topy urýan ýerleriniň gyralary ýonulgy, agramy 350- 400 gram çemesi bolmaly.

## Ýaryşa gatnaşýanlar

Ýaryşa gatnaşýanlary şu aşakdaky ýaly ýaş toparlara bölýärler.

1. Kiçi ýaşlylar – 11-13 ýaş.
2. Orta ýaşlylar – 14-15 ýaş.
3. Uly ýaşlylar- 16-17 ýaş.
4. 18 we ýokary ýaşlylar.

## Oýunçylaryň borçlary we hukuklary

1. Her bir oýunçy ýaryşyň düzgünlerini bilmelidir.

2. Eminlere diňe toparyň kapitanlary ýüz tutup biler.
3. Eminleriň çykaran netijelerine, görkezmelerine oýunçylaryň nägile bolmaga, dawalaşmaga, işine päsgel bermäge we beýleki bidüzgünçilikleri etmäge hukugy ýokdur.
4. Oýunçylaryň bidüzgünçiliklerine baş emin ilki duýduryş berýär, ýene –de gaýtalansa, oňa berk duýduryş, şol bir oýunçy muny üçünji gezegem gaýtalasa, ol oýundan çykarylýar. Eminler reňkleri sary we gyzyl bellikli duýduryşlary ulanýarlar.

## Ýaryşa gatnaşýan toparlar

a) Oýunçylaryň geými maýkadan, trusydan ýa-da sport geýminden we ýeňil aýakgapdan durýar. Maýka uzyn ýa-da gysga ýeňli, trusy dyzyna çenli uzyn, aýakgap rezinden ýa-da gaýyşdan ökjesiz, ýeňil bolmaly. Her toparyň geými birmeňzeş reňkde bolup, maýkanyň reňkine tapawut berýän bellikler-sanlar tikilmeli ýa-da ýazylmaly. Bellikleriň ölçegleri döşünde beýikligi 10sm, arkasynda 20 sm, ýazylan sanyň galyňlygy 2 sm. Sanlar 1-den 15-e çenli bellenilýär.
b) Oýunçylaryň sany 15-den az bolmaly däldir.

Hemme oýunçylaryň atlary we atasynyň atlary oýun başlamazyndan öň ýaryşlaryň beýanyna ýazylmalydyr. Beýana ýazylmadyk ýa-da ýaryş başlamazdan öň nyzama durmadyk oýunçy ýaryşa göýberilmeýär.

15-den ilki bilen oýna çykýan 12 oýunça esasy oýunçylar, galanlaryna ätiýäçdaky oýunçylar diýilýär.
Her toparyň ätiýäçdaky oýunçylary öz ýolbaşçysy ýa-da tälimçisi bilen ýörite bellenilen ýerde oturýarlar.
ç) Oýunçylary çalyşmak. Toparyň ýolbaşçysynyň, tälimçisiniň ýa-da kapitanynyň haýyşy boýunça baş eminiň rugsady bilen esasy oýunçyny ätiýäçdaky oýunçy çalşyp biler. Oýunçylary çalyşmak üçin wagt berilmeýär.
d) Toparyň ýolbaşçylary, tälimçileri, kapitanlary ýaryşyň düzgünlerini bilmelidirler we oňa gollanmalydyrlar. Olar oýunçylaryň ýaryş düzgünlerini ýerine ýetirişlerine jogapkärdirler.

## Eminler topary

Ýaryşy geçirýän gurama her oýny geçirmek üçin eminler toparyny belleýärler. Olar: baş emin, 2 sany kömekçi emin we hasabat alyp barýan kätip.

## Baş emin

Baş emin oýnuň başyndan aýagyna çenli meýdançada bolup, oýny düzgüne laýyk alyp barmakda ýolbaşçylyk edýär. Ol düzgüne degişli we düzgünden daşary hemme meseleleri çözýär. Onuň jemleýji netijesi kanundyr. Baş emin jürlewük bilen oýny alyp barýar.

## Kömekçi eminler

Kömekçi eminleriň biri pellehananyň topuň oklanylyp, urulýan ýerindäki gapdal we maňlaý çyzygyň burçunda, beýlekisi onuň garşysyndaky pellehananyň gapdal we maňlaý çyzygynyň burçunda durýarlar. Olar gapdal we maňlaý çyzyklaryna gözegçilik edip, topy düzgüne laýyk oklamagyny, topy nobatma – nobat urmaklaryny, oýunçylaryň pellehanadan pellehana çenli gidip gelmegini, topçularyň zyňan topunyň döwçülere degenini ýa-da degmändigini, 3 ýa-da 5 urgy gazanan oýunçylary bellemegi, gapdal we maňlaý çyzyklaryndan oýundan çykan topy oýna girizmegine seredip, duş gelýän ýalňyşlyklary görkezýärler. Kömekçi eminler oýunçylaryň ýalňyşlyklaryny elindäki ýaşyl reňkli baýdajyklaryň üsti bilen mälim edýärler.

## Hasabat alyp barýan kätip

Hasabat alyp barýan kätip gapdal çyzykdan 3 metr daşlykda, top urulýan pellehana golaý stoluň başynda oturýar. Ol oýun başlamazdan öň toparlaryň oýunçylarynyň ikisiniň hem atlaryny, atasynyň atlaryny, maýkalaryň belliklerini beýana ýazýar. Beýana toparlaryň çalşyrylan oýunçylaryny, top urlandan soň pellehanadan pellehana gidip gelen oýunçylary, 3 ýa-da 5 urgy gazanan oýunçylary, gazanylan sanlary, utuşlary, jerime berlen, ýagny duýduryş, berk duýduryş berlen, oýundan çykarylan oýunçylar ýazylýar. Haýsy toparyň oýunçylarynyň döwçüdigi ýa-da topçudygy beýanda bellenilýär.

# Oýnuň düzgünleri

## Oýnuň dowamlylygy

«Ýeditop» oýny iki tapgyrdan ybarat bolup, oýunçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä geçirilýär:

Kiçi ýaşlylar – 11-13 ýaş üçin 20+20 =40 min.
Orta ýaşlylar - 14-15 ýaş üçin 25+25 = 50 min.
Uly ýaşlylar – 16-17 ýaş üçin 30+30 = 60 min.
18 we ýokary ýaş üçin 30+30 = 60 min.

Her tapgyryň arasynda 5 minutlyk dynç alyş arakesme berilýär

## Döwçüligi ýa-da topçulygy saýlamak

Iki toparyň oýunçylary meýdançanyň ortasyna çykyp, salamlaşanlaryndan soň, oýnuň baş emini toparlaryň kapitanlarynyň arasynda bije atyp, kimiň döwçi ýa-da topçy bolmalydygyny kesgitleýär. Her toparyň kapitany öz gezeginde taýagyň gapdal tarapy bilen topy 1 metr çemesi ýokarlygyna yzygiderli gaçyrman urmaly. Haýsy kapitan gaçyrman, köp sapar ursa, şol döwçüligi saýlap alýar.

## Oýunçylaryň meýdançada ýerleşişleri

Toparlaryň haýsy döwçi ýa-da topçy diýlip kesgitlenenden soň, oýunçylar öz ýerlerine barýarlar. Döwçüleriň hemmesi meýdançanyň maňlaý çyzygyndan daşda hatara durup, eli taýaklynyň topy urmagyna taýýar bolup durýarlar. Topçular bolsa meýdançanyň içine ýaýraýarlar. Olar urlan topuň düşäýjek ýerlerinde, topy gowy gapyp bilýän oýunçylary, pellehanalaryň golaýynda mergen oýunçylary, gapdal çyzyklarynda ýyndam oýunçylary ýerleşdirýärler. Topçularyň bir oýunçysy, döwçüleriň hatara duran ýerine baryp, eli toply öz ýerini eýeleýär. Ol döwçüleriň bir oýunçysy bilen 2,5–3 metr aralykda ýüzbe-ýüz durýar. Döwçüleriň galan oýunçylary meýdança

girmäge, maňlaý çyzygy basmaga haklary ýokdur. Eger-de döwçüler meýdança girseler ýa-da çyzygy bassalar, topy oklaýan oýunçynyň olary top bilen urmaga haky bardyr.

## Oýnuň başlanylyşy

Baş emininiň rugsadyndan soň, maňlaý çyzygyndan daşda hatara duran döwçüleriň eli taýakly bir oýunçysyna topçularyň bir oýunçysy öz ýerinde durup, top aralyga düşer ýaly edip, 2–2,5 metr ýokary oklaýar. Döwçi elindäki taýak bilen topy meýdança tarap urýar. Baş emininiň rugsady bilen başlan oýnuň şol pursatyndan wagt bellenilýär.

## Topy oklamak

Topçy toparyň oýunçylarynyň biri bellenen ýerinde durup, topy döwçülere taýak bilen urmak üçin oklaýar. Eger-de oklanan top urmaga amatly bolmasa, döwçiniň urmazlyga haky bardyr.

1. Oklanan topuň beýikligi 2-2,5 metrden pes bolmaly däldir.
2. Topy oklaýan oýunçy, topy öz üstüne, gapdala, meýdançanyň içine, urýan oýunçynyň üstüne oklamaly däldir.
3. Oklanan top döwçi bilen topçynyň aralygyna düşmelidir.

## Topy taýak bilen urmak

Döwçi elindäki taýak bilen oklanan topy meýdança tarap urmaly. Eger-de döwçiniň salgan taýagy topa degmese, onda öz urgy gezegini geçirdi hasap edilýär. Urgy gezegini geçiren oýunçylar maňlaý çyzygynyň çep tarapyna geçip, pellehanadan pellehana gitmäge taýýar bolup durýarlar. Olar maý tapyp, pellehanadan pellehana özüni top bilen urdurman, gaýdyp gelseler, olara ýene-de bir gezek top urmaga hukuk berilýär.

## 3 ýa-da 5 urgy gazanmak

Döwçi topy urup, uzaga ýa-da topçularyň seýrek ýerine düşürip, özüni topçulara top bilen urdurman, pellehanadan pellehana baryp, dolanyp gelse, onda ol topy üç gezek urmaga hukuk gazanýar.

Öň üç gezek top urma hukugyny gazanan oýunçy ikinji gezeginde ýene-de topy jaý urup, pellehana baryp, dolanyp gelse, onuň indi 5 gezek top urmaga hukugy bar. Üç top öňküsi, iki top hem täzeden baryp geleni üçindir.

## Topy gapdal we maňlaý çyzyklardan oýna girizmek

Döwçüleriň uran topy göni gapdal we maňlaý çyzyklaryndan daşyna düşse, topçular derrew topy alyp, çyzyklaryň daşyndan öz oýunçylaryna oklap, topy oýna girizýärler. Urlan top meýdançanyň daşyna çykan halatynda döwçülere pellehanadan pellehana gitmek bolmaýar. Eger-de urlan top meýdançanyň içine düşüp, daşyna çyksa, onda oýun dowam edýär.

## Topçular topy gapsalar

Döwçüleriň uran topuny meýdançadaky topçular ýere degirmän gapsalar, onda olar döwçi bolýarlar. Toparlar derrew ýerlerini çalyşýarlar we oýun täzeden başlanýar.Topçularyň hemmesi pellehana üýşýänçäler, olar gapylan topy elinde saklaýarlar.

## Topçular döwçüleri top bilen ursalar

Meýdançadaky topçularyň esasy maksady topy biri-birine oklap, döwçüleriň pellehanadan pellehana ylgap barýan oýunçylaryny top bilen urmakdadyr. Topçularyň bir oýunçysy döwçüleriň oýunçysyny top bilen ursa, onda hemme topçular pellehanalara tarap çalt ylgaýarlar we maňlaý çyzygyň daşyna geçip durýarlar. Şol wagtda urlan oýunçy ýa-da beýleki döwçüler urgudan soň togalanyp barýan topy alyp, topçulary top bilen urmaga synanyşýarlar. Eger-de döwçüler meýdançanyň çäginde topçulary top bilen urup biläýseler, onda oýun öňküsi ýaly dowam edýär. Eger-de top bilen urup

bilmeseler, onda döwçüler topçy, topçularam döwçi bolýarlar. Ikinji pellehanada galan oýunçylar amatly pursat tapyp, pellehana gaýdyp gelýärler. Amatly pursat tapmasalar, onda şol taýda garaşýarlar. Oýnuň dowamynda şular ýaly pursat gysga wagtyň içinde birnäçe gezek bolup biler.

### „ Göge “ bermek

Kähalatlarda döwçüleriň birisinde beýleki pellehana baryp, dolanyp gelmäge maý bolman galýar ýa-da döwçüleriň hemmesi pellehana ýygnanýarlar, top urmaga pellehanada adam galmaýar. Şeýle ýagdaýda topçy döwçüleriň 3-4 metr gapdalynda durup, „göge“ ýagny, topy 2,5-3 metr ýokaryk oklap gapýar we döwçülere gaçmaga maý berýär. Döwçüleriň has ýyndamy sapalak atyp, amatly pursatdan peýdalanyp, top urulýan pellehana tarap gaçýar. Ol özüni top bilen urdurman gelse, top urup ýoldaşlarynyň dolanyp gelmegine mümkinçilik döredýär. “Göge“ berýän oýunçy hem öz gezeginde ylgap barýan oýunçynyň öňräginde duran öz ýoldaşyna topy çalt berýär. Öňdäki duran topy gapyp, ylgap barýan döwçini urup biler.

### Utuşyň, sanlaryň sanawy we oýnuň netijesi

Tutuş oýnuň dowamynda döwçüler öz döwçüligini bermän oýnasalar – utuk hasap edilýär.

1. Oýnuň bir tapgyryny döwçülikde geçirse, onda san hasaplanyp, köp san gazanan topara utuk berilýär.
2. Bir urgy gazanan oýunça bir san berilýär.
3. Üç urgy gazanan oýunça üç san berilýär.
4. Bäş urgy gazanan oýunça bäş san berilýär.

## Oýnuň gidişiniň hasabatyny alyp barmagyň beýany

(Beýannama) № __

Ýeditop oýny boýunça ýaryş ______________________

Ýaryşyň geçirilýän senesi „___“ _________ ý.
Toparlar_____________ arasynda ____________
Ýaryşyň geçirilýän ýeri ___________________________

Topar _______________ Topar ____________

| № | Ady we familiэasy | Sport derejesi | Goly | № | Ady we familiэasy | Sport derejesi | Goly |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Toparyň kapitany___________ Toparyň kapitany___________

Oýunçylaryň sany__________ Oýunçylaryň sany__________

1 Tapgyr

Topar ____ Topar ____

| 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | № | wagt | DP | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

2 Tapgyr

Topar ____ Topar ____

| 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | № | wagt | DP | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P | 1P | 2P |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

Ikinji tapgyryň netijesi____________________________________________

Baş emin________________

Kätip___________________

Kömekçi eminler__________

Birinji tapgyryň netijesi__________

Ikinji tapgyryň netijesi___________

Umumy netije__________________

## Oýnuň gidişiniň hasabatynyň beýanyny alyp barmagyň käbir görkezmeleri

Ýaryşyň beýanyny ýaryşyň kätibi alyp barýar. Beýanyň ýokarsynda geçirilýän ýaryşyň ady, toparlaryň atlary, ýaryşyň nirede geçirilýändigi we wagty bellenilýär. Birinji çyzgyda toparlaryň oýunçylarynyň atlary we atasynyň atlary ýazylyp, her oýunçy öz adynyň garşysynda goluny çekýär. Şonuň dogrulygyny tassyklamak üçin çyzgynyň aşagynda toparyň tälimçisi we kapitanlary gol çekýärler.

Aşaky çyzyklarda ýaryşyň birinji we ikinji tapgyrynyň gidişi we netijesi ýazylýar. Onda toparlaryň esasy oýunçylarynyň maýkalaryna ýazylan bellikler bellenilýär. Onuň gapdalynda wagt bellenip, çalşyrylýan oýunçylaryň bellikleri ýazylýar. Haýsy toparyň „D“ döwçi ýa-da „T“ topçudygy bellenilýär. Pellehanalar san bilen görkezilendir. Oýunçylaryň birinji pellehanadan ikinji pellehana baryp gelenleri her gözenekde ýazylýar. Tapgyrlaryň netijeleri we umumy netije çyzgylaryň soňunda jemlenilýär we ony emin agzalary tassyklaýarlar.

**Görkezme:**

Milli sport oýny bolan „Ýeditop“ boýunça ýaryşy gurnamagyň we ýokary usuly derejesinde geçirmegiň düzgünleri Türkmenistanyň syýahatçylyk we sport baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan maksatnama kadalarynyň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar.

## „Ýeditop“ oýnunyň emelleri we usullary

### I. Döwçüleriň top urulýan pellehanada we şol aralykda edýän hereketleri.

Döwçüler top urulýan pellehanada nobatma-nobat taýak bilen topy urýarlar we pellehanadan pellehana gidip gelmäge taýýarlyk görýärler. Maý tapyp, sapalak atyp, ylgawda saga, çepe, ugryny üýtgedip, dürli tizliklerde hereket edip bilýärler. Kähalatlarda döwçüler zyňlan topdan sowulmak üçin saga, çape, öňe egilmäni, ýykylmany, bökmäni, ylgap barýarka birden durmany başarmalydyrlar.

Eger top ýokardan uçup gelýän bolsa, onda ony böküp gapmaly bolýar. Oýunçy böküp, iki elini öňe-ýokaryk uzadyp, topy garşylaýar. Top eliň barmaklaryna degensoň, topuň tizligini ýatyrmak üçin el tirsekden eplenýär we toply el aşak göýberilýär. Şondan soň oýunçy täze hereketlere geçýär.

Eger top aşakdan uçup gelýän bolsa, onda oýunçy ellerini aşak göýberip, eliniň aýalaryny biri-birine degrip, barmaklaryny giň açýar. Uçup gelýän top eliň aýasyna degeninden barmaklary bilen topy gabap, ilki elini yza çekip, elini tirsekden epläp, soňra bolsa toply elini döşüne getirýär. Şondan soň oýunçy täze hereketlere geçýär.

<u>Topy bir eliň bilen gapmak</u>. Bu usul oýunda seýrek ulanylýan usuldyr. Kähalatlarda topy iki eliň bilen gapyp bolmaýan ýagdaýlarynda bir eliň bilen gapmaga mejbur bolýarsyň. Şonuň üçin oýunçy bir elini öňe uzadyp, eliniň aýasyny topa tarap göneldip, barmaklaryny giň açyp, gowşagrak saklaýar. Topuň tizligini ýatyrmak üçin top oýunçynyň eliniň aýasyna degeninde barmaklary bilen topuň üstüni ýapyp, toply elini özüne çekip, elini tirsekden epläp, egne gysýar ýa-da ikinji eli bilen topy saklamaga kömek edýär.

<u>Ýerden togalanyp barýan topy tutmak</u> üçin oýunçy öňe ýa-da gapdala uly ädim ädip, göwresini öňe egip, bir elini öňe uzadyp, aýasyny we barmaklaryny giňden açyp, topy tutýar. Şol bir wagtda oýunçy ikinji eli bilen topuň üstüni ýapýar. Şondan soň oýunçy täze hereketlere geçýär.

Topçularyň top bilen döwçüleri urmagy hem topy zyňmak, oklamak ýaly emellerde we usullarda alnyp barylmalydyr. Bu ýerde topy gysga we uzak aralyklara zyňmakda-da, çenäp urmakda-da ýokardaky özboluşly emeller we usullar peýdalanylmalydyr.

## II. <u>Topçularyň meýdançada topsuz we toply edýän hereketleri.</u>

Topçular meýdançada goraýjy hökmünde topsuz dürli hereketler edýärler. Olar meýdançada dyzlaryny çala epip, öňe, yza,

saga ýöräp we ylgap bilýärler. Çendenaşa ýokardan gelýän we ýeter-ýetmez gelýän toplary gapmak üçin ýokaryk we öňe böküp bilýärler. Olar topy eline alyp, islendik aralyga ýöräp, ylgap, durup, öz oýunçylaryna oklap, pellehanadan pellehana gaçyp barýan döwçülere çenäp, zyňyp bilýärler. Şu hereketleri ýerine ýetirmek üçin oýunçylardan köp güýç we kuwwat talap edilýär.

## Topy taýak bilen urmagyň emelleri we usullary

Esasy durgy. Döwçi topçy bilen ýüzbe-ýüz durup, aýaklarynyň arasynyň giňligi egniniň giňligi bilen deň bolmalydyr. Eger urgy sag eli bilen ýerine ýetirilýän bolsa, onda çep aýagy az-owlak öňe goýulýar, aýaklary dyzynda sähelçe eplenip, göwresinem biraz öňe egip, eli taýakly durýar.

Taýagy tutmagyň usuly. Urlan topuň üstünligi, taýagy dogry tutmak bilen baglydyr. Oýunçy her dürli urgulary ýerine ýetireninde-de, taýagyň tutulyşy üýtgemeli däldir. Ol hojalykda ulanylýan çekiji tutan ýaly bolmalydyr. Oýunçy taýagyň gapdal tarapyny ýokary edip, onuň tutulýan ýerinden tutmalydyr. Şu usul topy taýak bilen urmagyň emelleriniň esasydyr.

Topy taýak bilen aşakdan urmak. Oýunçy esasy durguda aýaklarynyň arasyny giňräk goýup, dyzlaryny gaty epläp, çep aýagyny öňe goýup, göwresinem dyzyna görä egip, taýakly elini guşaklygynyň deňinde uzadyp, taýýar bolup durýar. Şondan soň ol oklanan topy taýak bilen dyzyndan aşakda urýar we göwresini meýdança tarap öwrüp, taýakly eliniň hereketini topuň yzyndan dowam etdirýär.

Topy taýak bilen gapdaldan urmak. Oýunçy esasy durguda, aýaklarynyň dyzlaryny epip, taýakly elini gapdala guşaklygyndan ýokarda göni saklap, urga taýýar bolup durýar. Oýunçy oklanan topy taýak bilen guşaklygyndan aşak düşürmän urýar we göwresini meýdança tarap öwrüp, taýakly eliniň hereketini topuň yzyndan dowam etdirýär.

Topy taýak bilen ýokardan urmak. Oýunçy esasy durguda, aýaklary dyzlarynda eplenip, taýakly elini ýokaryk galdyranynda, göwräniň agramy çep aýaga düşýär. Oýunçy oklanan topy taýak

bilen egninden ýokarda, takmynan, 50-80 santimerlikde urýar we göwresini meýdança tarap öwrüp, taýakly eliniň hereketini topuň yzyndan dowam etdirýär.

## Topy oklamagyň emelleri we usullary

Topy taýak bilen urmak üçin, bir eliň bilen oklamak we „Göge“ bermek. Oýunçy esasy durguda aýaklarynyň dyzlaryny epip, az-owlak göwresini öňe egip, toply elini aşak sallap, taýýar bolup durýar. Topy oklamak üçin oýunçy elini aşakdan ýokaryk galdyranynda, aýaklarynyň dyzlary ýazylyp, göwresi dikelýär. Toply elini aşakdan ýokaryk göneldip, eliniň barmaklary açylyp, top eliň aýasyndan zyňlyp gidýär we topsuz el, topuň yzyndan hereketi dowam etdirýär.

## Topy birek-birege oklamagyň emelleri we usullary

Topy ýokardan oklamak. Oýunçy esasy durguda toply elini ýokaryk galdyryp, elini tirseginde epläp, batly öňe göneldip, öz toparynyň oýunçysyna oklaýar we topsuz el topuň yzyndan hereketini dowam etdirýär.

Topy gapdaldan oklamak. Oýunçy esasy durguda toply elini gapdaldan guşaklygynyň deňesinde elini tirsekden epläp, batly öňe göneldip, öz toparynyň oýunçysyna oklaýar. Topsuz el göwre bilen bilelikde topuň yzyndan hereketi dowam etdirýär.

Topy aşakdan oklamak. Oýunçy esasy durguda, aýaklary dyzynda birneme eplenip, göwresinem öňe egip, toply elini guşaklyga çenli galdyryp, elini tirsekde epläp, batly gapdaldan aşaklygyna öňe göneldip, öz toparynyň oýunçysyna oklaýar. Şol wagtda aýaklarynyň dyzlary ýazylyp, topsuz el göwre bilen bilelikde topuň yzyndan hereketini dowam etdirýär.

Topy birek-birege oklamagyň emellerini we usullaryny, topy uzak aralyga, ýakyn aralyga we gysga aralyga oklamakda hem ulanmak bolar.

## Topy gapmagyň emelleri we usullary

Topy gapmagyň usuly topuň uçup gelmegine baglydyr.

Topy iki eliň bilen we bir eliň bilen gapmak bolar.

Topy iki eliň bilen gapmak. Bu usul iň bir ygtybarly usullaryň biridir.

Topy iki eliň bilen gapmak dürli ýagdaýlarda we dürli hereketlerde ulanylýar. Ony duran ýerinde, ýöräp barýarkaň, ylgap barýarkaň we böküp, gapyp bolýar. Eger top göni döşüňe uçup gelýän bolsa, onda oýunçy topuň gelşini synlap, iki elini öňe uzadýar. Eliniň aýasyny topa tarap göneldýär, barmaklaryny gowşagrak saklap, başam barmaklary biri- birine degip durýar. Top eliň barmaklaryna degeninden, el tirsekden eplenip, toply el döşe tarap çekilýär. Şondan soň oýunçy täze hereketlere geçýär.

## Mazmuny

**Giriş.........................................................................................4**

**Meýdança we onuň ölçegleri ...8**
**Top we taýak...9**
**Ýaryşa gatnaşýanlar...9**
**Oýunçylaryň borçlary we hukuklary...10**
**Ýaryşa gatnaşýan toparlar...10**
**Eminler topary...11**
**Baş emin...11**
**Kömekçi eminler...11**
**Hasabat alyp barýan kätip...11**
**Oýnuň dowamlylygy ...12**
**Döwçüligi ýa-da topçulygy saýlamak ...12**
**Oýunçylaryň meýdançada ýerleşişleri ...12**
**Oýnuň başlanylyşy ...13**
**Topy oklamak ...13**
**Topy taýak bilen urmak ...13**
**3 ýa-da 5 urgy gazanmak ...14**
**Topy gapdal we maňlaý çyzyklardan oýna girizmek ...14**
**Topçular topy gapsalar ...14**
**Topçular döwçüleri top bilen ursalar ...14**
**„Göge“ bermek ...15**
**Utuşyň, sanlaryň sanawy we oýnuň netijesi ...15**
**Oýnuň gidişiniň hasabatyny alyp barmagyň beýany ...16**
**Oýnuň gidişiniň hasabatynyň beýanyny alyp barmagyň käbir görkezmeleri ...18**

## Ýeditop oýnunyň emelleri we usullary

**Döwçüleriň top urulýan pellehanada we şol aralykda edýän hereketleri ...18**
**Topçularyň meýdançada topsuz we topły edýän hereketleri ...20**
**Topy taýak bilen urmagyň emelleri we usullary ...20**
**Topy oklamagyň emelleri we usullary ...21**
**Topy gapmagyň emelleri we usullary ...22**

**Gurbansähet Garýagdyýew**

**ÝEDITOP**

**Türkmen milli sport oýnunyň düzgünleri**

Redaktory A.Atanyýazow
Suratçy H.Magadow
Kompýuter bezegi B.Çaryýew